# Alyp gitmäň!

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Alyp gitmäň! ALYP GITMÄÑ!




*Şahyr Suraý Babanyýazowa*
Ýok, o gyzy tanamogam,
Hatda, däl meň deňim-duşum.
Gamly, "üşäp, ýeňsiz geýşi",
Ýaşlap gözüm, alýar huşum.

Her bir jümlä erk edişi,
Ýugrulan dek doga, şygra.
Okap, oýlanýan, ýatlaýan
Ýigitligmi – agras, ýygra.

Gülleri söýşem üýtgeşik.
Aglanda çyndan aglaýar.
Diýseňem, şygyrlarynda,
Syrly mähribanlyg-a bar.

Alyp gitmäň daga-daşa,
Döretsin "obaň ertiri".
Ylham bersin kakasynyň
Erikleri, kepje-pili.

Özüni-hä tanamok, ýok.
Şygryndan weli, ganamok.
Ýolup gitmäň! Gülsüz baglar
Hiç kime ýarap baranok.

Geldimyrat SEÝIDOW.

29.06.2023 ý. Goşgular